TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

— YNSANYŇ ABRAÝ-MERTEBESI, GADYR-GYMMATY ZÄHMETI BILEN KESGITLENÝÄR. BEÝIK MAKSATLARA ÝETMEK ÜÇIN HER BIR ÝAŞ YNSAN ZÄHMETI BAÝDAK EDINMELIDIR. ÇÜNKI ADAMZAT JEMGYÝETINIŇ ÖSÜŞI HEM-DE ÖZGERIŞI ÝAŞLAR BILEN AÝRYLMAZ BAGLANYŞYKLYDYR.


# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2026 | Aprel | #4/49


## Taryhy-medeni miras — adamzadyň baýlygy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýokary okuw mekdeplerimiz halkara guramalary, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär. Häzirki wagtda ýurdumy-



zyň ýokary okuw mekdepleriniň 2-sinde ÝUNESKO kafedrasy, 6-synda ÝUNESKO klublary hereket edýär. Olaryň guramagynda ÝUNESKO-nyň alyp barýan işlerine bagyşlanyp yzygiderli çäreler geçirilýär.

Ýakynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy hem-de 18-nji aprel — Bütindünýä mirasynyň halkara güni mynasybetli «Taryhy we medeni mirasy öwrenmekde häzirki zaman ylmy barlaglar: halklaryň we medeniýetleriň durnukly ösüşi» atly halkara ylmy-amaly maslahatyň açylyş dabarasy we umumy mejlisi boldy. Oňa ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, ylmy işgärleri, talyplary, şeýle-de sanly ulgam arkaly daşary ýurtlaryň 15-isiniň, ýagny Russiýanyň, Hytaýyň, Belarusyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň, Ermenistanyň, Türkiýäniň, Italiýanyň, Azerbaýjanyň, Ruandanyň, Namibiýanyň, Tanzaniýanyň we Mýanmanyň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de ylmy-barlag merkezleriniň 40-ysyndan 200-e golaý wekil gatnaşdy.

Dabaranyň başynda oňa gelen myhmanlar uniwersitetiň eýwanynda guralan sergä aýlanyp gördüler. Soňra maslahat ýokary okuw mekdebiniň mejlisler zalynda çykyşlar bilen dowam etdi. Olarda halkymyzyň taryhyny öwrenmekde, medeni gymmatlyklarymyzy, milli mirasymyzy aýawly saklamakda ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň ähmiýeti dogrusynda bellenildi.

Türkmenler has irki döwürlerden bäri baý medeniýeti we bahasyna ýetip bolmajak medeni miras gymmatlyklary bilen dünýä tanalan halkdyr. Bize ata-babalarymyzyň miras galdyran adamzat taryhynda gaýtalanmajak gymmatlyklary dünýä siwilizasiýasynyň ösüşine uly goşant goşdy.

Türkmen halkynyň häzire çenli saklanyp gelýän baý taryhynyň, medeni mirasynyň halkara derejesini has hem beýgeltmek, şol bir wagtda şöhratly taryhymyzyň, medeniýetimiziň entegem üsti açylmadyk täze sahypalaryny ýüze çykarmak we seljermek, içgin özleşdirmek babatynda buýsandyryjy netijeler gazanylýar. Bu ugurda iri halkara guramalar, şol sanda BMG we onuň Bilim,



ylym, medeniýet boýunça ýöriteleşdirilen edarasy bolan — ÝUNESKO bilen hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasydyr. Geçen 33 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda ösdürilip gelinýän hyzmatdaşlygyň çäginde biziň ýurdumyz bu Guramanyň 12 sany halkara konwensiýalaryna goşuldy we munuň netijesinde Türkmenistanyň 50-ä golaý miras gymmatlyklary ÝUNESKO-nyň abraýly halkara sanawlaryna girizildi.

Soňky bäş ýylyň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň netijeli halkara syýasatynyň saýasynda ÝUNESKO bilen däp bolan hyzmatdaşlyk mazmun taýdan baýlaşdyrylyp, hil taýdan täze derejä çykaryldy. Bu döwürde Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň berýän konstruktiw görkezmelerine we ugrukdyryjy tabşyryklaryna laýyklykda, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň we Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawlaryna yzygider girizilen hödürnamalaryň sanyny artdyrmak babatynda buýsandyryjy netijeler gazanyldy. Diňe soňky bäş ýylyň dowamynda Türkmenistan tarapyndan teklip edilen jemi 14 sany taryhy, tebigy, medeni we ýazuw miras gymmatlyklarymyzyň ÝUNESKO-nyň halkara sanawlaryna girizilmegi munuň aýdyň mysalydyr — diýip, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň jogapkär sekretary, Türkmenistanyň Gahrymany Çynar Rüstemowa öz çykyşynda aýtdy.



Mejlisiň dowamynda daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinden çykyş eden wekiller ylym-bilim edaralarynda taryhy we medeni mirasy öwrenmekde alnyp barylýan işler barada gürrüň berdiler. Olar wekilçilik edýän uniwersitetleriniň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy barada aýratyn nygtadylar. Ankara Jemgyýetçilik ylymlary uniwersitetiniň rektory Musa Kasim Arijan çykyşynda şeýle diýdi:

— Taryh we medeni miras halklaryň hakydasynyň iň mäkäm binýadydyr. Ymaratlar, şäherleriň binagärligi, ýadygärlikler, arhiw resminamalary, däp-dessurlar, durmuş ýörelgeleri hem-de ähli halk hakydasy bir jemgyýetiň nähili kemala gelendigini, nähili tejribe toplandygyny we geljekki nesillere nähili gymmatlyklary miras goýmak isländigini şöhlelendirýär. Medeni mirasa bu nukdaýnazardan baha berlende, onuň diňe bir geçmişiň toplanan tejribesi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ertirlerimizi hem kemala getirýän çeşme bolup hyzmat edýändigine göz ýetirmek bolýar.

Häzirki döwürde medeni mirasy gorap saklamak boýunça alnyp barylýan işleri durnukly galkynyş nukdaýnazaryndan ara alyp maslahatlaşmak meselesi uly ähmiýete eýedir. Çünki medeni miras nä derejede goralyp saklansa, şol derejede hem jemgyýetiň durnuklylygy pugtalanýar. Ylmy taýdan seljerildigiçe maglumatlaryň ýaýrawy giňelýär, medeni miras örboýuna galdyryldygyça jemgyýetiň oňa bolan hormaty artýar, önümçilik işine ornaşdyryldygyça ykdysady we jemgyýetçilik gymmatlygy ýüze çykýar. Şol sebäpli medeni mirasyň goralyp saklanmagy uniwersitetleriň, ylmy-barlag merkezleriniň, ýerli dolandyryş edaralarynyň, medeniýet edaralarynyň jogapkärçiligine degişlidir.

Halkara ylmy-amaly maslahat üç sany bölümçäniň üsti bilen öz işini dowam etdi. «Türkmenistan — ÝUNESKO: milli we bütindünýä medeni mirasy goramakda halkara hyzmatdaşlygyň orny», «Halklaryň medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynyň häzirki zaman ösüşi» we «Taryhy we medeni mirasy öwrenmegiň hem-de okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň meseleleri» atly bölümçeler medeni hukuklar, milli aýratynlyklary gorap saklamak, medeni mirasy okatmak ýaly temalary açyp görkezdiler.


**Halmyrat ÝUWŞANOW,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika kafedrasynyň müdiri.**

## Täzelikler

# Ylalaşyga gol çekildi

***22-nji aprelde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Italiýanyň G.d'Annunzio adyndaky Kýeti-Peskara uniwersitetiniň ýolbaşçylarynyň hem-de professor-mugallymlarynyň gatnaşmagynda onlaýn görnüşde «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti (Türkmenistan) bilen G.d'Annunzio adyndaky Kýeti-Peskara uniwersitetiniň (Italiýa Respublikasy) arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga» gol çekmek dabarasy boldy.***

Dabaranyň dowamynda taraplar ýokary hünär bilimi ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ilerletmek, gatnaşyklaryň täze gözýetimleri, ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşdylar. Husus-da, täze gol çekilen Ylalaşygyň



çäklerinde ylym-bilim hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek babatda tagallalary birleşdirmek, hünär derejelerini ýokarlandyrmak we ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamak maksat edinilýär. Bu ugurda öňde durýan wezipeleriň hatarynda mugallymlary we talyplary alyş-çalyş etmek, okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmek ugrunda tejribe alyşmak, iki ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň gatnaşmagynda talyplar üçin okuw sapaklaryny guramak, bilelikdäki ylmy barlaglary ýola goýup, alymlary alyşmak, uniwersitetlerde geçiriljek halkara derejeli çärelere bilelikde gatnaşmak ýaly işleri durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär.

Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň hem-de Italiýa Respublikasynyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň, ylmy-barlag edaralarynyň alymlarynyň, şonuň ýaly-da arhitektorlarynyň arasynda gatnaşyklar netijeli alnyp barylýar. Hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak maksady bilen, Italiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan yzygiderli çäreler guralýar. Ilçihananyň ýardam bermeginde ýylyň-ýylyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň italýan dili mugallymlary hem-de italýan dili we edebiýaty hünäriniň talyplary dostlukly ýurduň ýokary okuw mekdeplerinde hünär derejesini ýokarlandyryş hem-de okuw saparlarynda bolýarlar.

Özara bähbitli geljegi uly ylmy taslamalary nazarlaýan möhüm hyzmatdaşlyk resminamasyna gol çekmek dabarasynyň ýokary derejede guramaçylykly geçirilendigi üçin taraplar iki ýurduň döwlet Baştutanlaryna alkyş sözlerini beýan etdiler.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Dabaralara beslenen halkara olimpiada

***12-nji aprelde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde mekdep okuwçylarynyň arasynda matematika dersi boýunça geçirilen III halkara olimpiadanyň ýapylyş dabarasy boldy. Oňa uniwersitetiň professor-mugallymlary, talyplary, olimpiadada bäsleşen okuwçylar hem-de daşary ýurt wekilleri gatnaşdylar.***



Ilki bilen, myhmanlar uniwersitetiň eýwanynda guralan sergini synladylar. Soňra ýokary okuw mekdebiniň mejlisler jaýynda daşary ýurtlardan gelen matematika mugallymlary, olimpiadanyň guramaçylary we eminler toparynyň agzalary çykyş etdiler. Bu halkara olimpiadanyň ýaşlaryň gözýetiminiň giňelmegine, zehininiň artmagyna ýardam berýändigi bellenildi. Çykyş eden myhmanlar türkmen halkynyň myhmansöýerligini hem-de olimpiadanyň ýokary guramaçylyk derejesinde geçendigini aýratyn nygtadylar.

Kazan federal uniwersitetiniň IT hünär okuw mekdebiniň matematika mugallymy Sergeý Migaýew öz çykyşynda şeýle diýdi:

— Bu meniň Türkmenistana ilkinji gezek gelşim. Ýurduňyzyň gözelligi, halkyňyzyň myhmansöýerligi meni haýran galdyrdy. Soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistan halkara derejeli bäsleşikleriň geçirilýän ýurduna öwrüldi. Birnäçe günüň dowamynda çagalar özara pikir alşyp, deň-duşlary bilen dostlaşdylar.

Halkara olimpiada Russiýadan jemi 6 okuwçy gatnaşdy. Çekeleşikli geçen bäsleşikde olaryň 1-i kümüş, 4-üsi bürünç medal gazanmagyň hötdesinden geldi. Şeýle bäsleşikler diňe bir okuwçylaryň zehinini açyp görkezýän meýdança bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ýurtlaryň arasyndaky dostlugy has-da pugtalandyrýar. Olimpiadanyň guramaçylykly geçendigi üçin hormatly Türkmenistanyň Prezidentine, Bilim ministrliginiň işgärlerine hem-de türkmen kärdeşlerime sagbolsun aýdýaryn.

Dabaranyň dowamynda olimpiadada üstünlikli çykyş eden mekdep okuwçylaryna Hormat hatydyr medallar gowşuryldy. Umumy netijelere görä, medallaryň köpüsini ýurdumyzyň okuwçylary gazandylar. 9-njy aprelde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde dabara bilen açylan olimpiada 10-njy aprelde Aşgabat şäherindäki iňlis dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 135-nji orta mekdepde badalga aldy. Oňa 11 ýurtdan jemi 170 okuwçy we 28 wekil gatnaşdy. Okuwçylaryň 71-isi A derejede, 99-ysy bolsa B derejede bäsleşdiler. Türkmenistanly okuwçylar A derejede 2 altyn, 4 kümüş, 5 bürünç, B derejede 4 altyn, 6 kümüş, 8 bürünç — jemi 29 medal gazandylar. Türkmenistandan soň iň köp medala Özbegistandan, Täjigistandan, Gyrgyzystandan, Russiýadan, Eýrandan, Belarusdan, Hytaýdan, Gazagystandan, Türkiýeden we Ermenistandan gelen okuwçylar mynasyp boldular.

Soňra dabara gatnaşyjylar aýdym-sazly konserte tomaşa etdiler. Okuwçylaryň daşary ýurt dillerinde ýerine ýetiren çykyşlary has-da täsirli boldy.

Olimpiada gatnaşyjylar üçin medeni-köpçülikleýin çäreler guraldy. Myhmanlar paýtagtymyzyň gözel künjeklerine syýahat etdiler, halkymyzyň medeniýeti, milli däp-dessurlary bilen tanyşdylar. Türkmenistanyň Bitaraplyk muzeýine, «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumyna guralan gezelençler ýatda galyjylygy bilen tapawutlandy.



— Türkmenistanda özümi edil ertekilerdäki ýaly duýdum. Şäheriň aklygy, arassalygy, bahar gözelligi göwnüňi göterýär. Adamlaryň şähdaçyklygy, myhmansöýerligi mende ajaýyp täsir galdyrdy.

Biz Aşgabat şäheriniň gözel ýerlerine gezelenç etdik. Seýilgählerdäki şahyrlaryň, ýazyjylaryň heýkellerinde nesilleriň baglanyşygy, döwürleriň sazlaşygy görünýär. Dag etegindäki seýilgähde bolanymyzda, ussat ermeni şahyrlarynyň biri Saýat Nowanyň heýkelini gördüm. Şeýle dostana gatnaşyklara ýol açýan hormatly Türkmenistanyň Prezidentine, Gahryman Arkadaga köp sagbolsun aýdýarys — diýip, Ýerewan şäheriniň Ananiýa Şirikasi adyndaky Halkara ylym-bilim toplumynyň mugallymy Narine Awdalýan gürrüň berdi.

**Geňlik HUDAÝBERDIÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

# Ders bäsleşikleri geçirildi

***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda ýurdumyzyň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň 11-12-nji synp okuwçylarynyň arasynda Türkmenistanyň taryhy hem-de türkmen dili we edebiýaty boýunça III ders bäsleşikleri geçirildi.***

Ders bäsleşikleri Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Aşgabat, Arkadag şäherleriniň we Ahal welaýatlarynyň okuwçylarynyň gatnaşmagynda, şeýle hem Balkan, Lebap, Mary, Daşoguz welaýatlarynyň okuwçylarynyň arasynda onlaýn görnüşinde geçirildi. Bäsleşige ýurdumyzyň welaýatlarynyň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň orta mekdepleriniň her birinden 20-den, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumy bilim berýän mekdep-internatyndan 5-den köp bolmadyk okuwçylar gatnaşdylar. Ders bäsleşikleriniň geçiriliş düzgünlerine laýyklykda gatnaşyjylaryň synpyna garamazdan umumy ýumuşlar hödürlenildi.

Şeýlelikde, türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça 11-nji synplaryň arasynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň 29-njy orta mekdebiniň okuwçysy Nurjemal Gaýypberdiýewa, 12-nji synplaryň arasynda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň 2-nji orta mekdebiniň okuwçysy Oguljennet Annaorazowa 1-nji orna mynasyp boldular.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça 11-nji synplaryň arasynda Daşoguz şäheriniň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň okuwçysy Allamyrat Şyhyýew, 12-nji synplaryň arasynda Babadaýhan etrabynyň 3-nji orta mekdebiniň okuwçysy Orazbibi Nurberdiýewa 1-nji orunlary eýelediler.

Türkmenistanyň taryhy hem-de türkmen dili we edebiýaty boýunça III ders bäsleşigine gatnaşyjy okuwçylar



berkarar Watanymyzda ylymly, bilimli, innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarmaga ödedip berýän giň mümkinçilikleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**Bägül BEKGYLYJOWA,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

# Bahar buşlukçysy

**24-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde edebiýaty öwreniji alym, şahyr Halyl Kulyýewiň doglan gününiň 90 ýyllygy mynasybetli «Bahar buşlukçysy» atly ylmy-döredijilik duşuşygy geçirildi. Oňa uniwersitetiň professor-mugallymlarydyr talyplary hem-de ýazyjy-şahyrlar gatnaşdylar.




Dabarada çykyş edenler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alym Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen merdana şahsyýetlerimiziň ýörelgeleri, söz ussatlarymyzyň, akyldarlarymyzyň, ýazyjy-şahyrlarymyzyň döredijiliginiň köptaraplaýyn öwrenilmegi üçin giň mümkinçilikleriň döredilýändigini bellediler. Çykyşlarda şahyr Halyl Kulyýewiň döredijilik dünýäsiniň köptaraplaýynlygy, ony öwrenmekde türkmen alymlary tarapyndan önjeýli ylmy işleriň ýerine ýetirilendigi, şahyryň döredijiliginde ynsan, tebigat, millilik ýaly düşünjelere bolan garaýyşlaryň beýan edilişi nygtalyp geçildi.

Maslahatda sanly ulgam arkaly Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň mugallymlary çykyş etdiler. Olaryň çykyşlarynda şahyryň döredijilik dünýäsini öwrenmegiň gymmaty, onuň häzirki zaman türkmen jemgyýetindäki hyzmaty dogrusynda nygtaldy.

Dabaranyň dowamynda uniwersitetiň talyplary tarapyndan «Şirin sözler çykyp meniň dilimden…» atly edebi-sazly kompozisiýasynyň, Halyl Kulyýewiň «Ene hüwdüsi», «1946», «Men seni söýýän», «Ykbal», «Şu zeýilli ýigit men» ýaly goşgularyna çeper okaýyşlaryň ýerine ýetirilmegi täsirli boldy.

Ylmy-döredijilik maslahaty bilen ugurdaş ýokary okuw mekdebiniň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitaplarynyň, şeýle-de Halyl Kulyýewiň şygyrlar ýygyndylarynyň, oňa degişli kitaplaryň, ylmy işleriň, milli amaly-haşam sungatynyň gymmatlyklarynyň sergisi guraldy.

**Kümüş MURADOWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**2-nji ýyl talyby.**

# Sport dabarasy geçirildi




**2-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Bütindünýä saglyk güni mynasybetli «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany: Sagdynlyk abadançylygyň we üstünligiň gözbaşydyr» atly sport dabarasy geçirildi.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen sport baýramçylyk dabarasynyň çäklerinde professor-mugallymlar we talyp ýaşlar sportuň dürli görnüşleri boýunça okuw-türgenleşik işlerini alyp bardylar. Dabara sport maşklaryny ýerine ýetirmek, sportuň welosiped sürmek görnüşi boýunça ýörişler geçirmek bilen utgaşdy. Şonuň ýaly-da, çärede ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlary we bagtyýar talyp ýaşlary sportuň dürli



görnüşleri boýunça ýaryşlara gatnaşyp, bu ugurda öz ukyp-başarnyklaryny görkezdiler. Sport baýramçylygynyň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdym-saz, tans toparlary tarapyndan berkarar döwletimizi, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylyny,



türkmen tebigatyny, türkmen sportuny şöhratlandyrýan aýdymlar aýdyldy we tanslar ýerine ýetirildi.

Sport baýramçylygy fakultetara woleýbol, basketbol, futbol, küşt, şaşka, düzzüm, stol tennisi, tennis, tanap çekmek, tigir sürmek, ýeňil atletika, göreş, agyr daş götermek boýunça geçirilen ýaryşlar we görkezme çykyşlar bilen utgaşdy. Halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamyndan biziň günlerimize gelip ýeten ýaglyga towusmak ýaly milli oýunlar dabara gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Uniwersitet habarlary

**30-njy martda** «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen W.N.Tatişew adyndaky Astrahan döwlet uniwersiteti» ýokary biliminiň federal býujet bilim edarasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygyň» çäklerinde, W.N.Tatişew adyndaky Astrahan



döwlet uniwersitetiniň rektorynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Russiýa Federasiýasynyň W.N.Tatişew adyndaky Astrahan döwlet uniwersitetiniň wekilleri özara bilim-ylym babatda hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlaryny has-da ösdürmek meseleleri boýunça pikir alyşdylar.

* * *

Türkmen dili kafedrasynyň mugallymy Didar Amanmuhammedow «Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti (Türkmenistan) bilen Pekiniň daşary ýurt dilleri uniwersitetiniň (Hytaý Halk Respublikasy) arasynda özara hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ähtnamanyň» çäklerinde Hytaýyň bu hyzmatdaş ýokary okuw mekdebinde «Rus dili + Türkmen dili» hünärinde bilim alýan talyplara «Türkmen dili» we «Türkmenistana umumy syn» dersleri boýunça bilim bermek hem-de hünär tejribeligini kämilleşdirmek maksady bilen Hytaý Halk Respublikasynda iş saparynda bolýar. Okuwlar 1-nji mart — 29-njy iýul aralygynda dowam eder.



* * *

**3-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň fizika fakultetiniň jemgyýetçilik guramalary tarapyndan «Bilimli ýaşlar — strategik ösüşiň we durnukly geljegiň kepili» atly wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Çäre «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly we mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli, şeýle hem, «Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026 — 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» bilen baglanyşykly guraldy.

Wagyz-nesihat çäresinde çykyş eden Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarydyr talyplary berkarar Watanymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyl we ynsanperwer syýasatlarynyň




esasynda durmuşa geçirilýän özgertmeler ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşine gönükdirilýändigini belläp geçdiler.

Şeýle-de, wagyz-nesihat çäresindäki çykyşlarda türkmen jemgyýetinde bedewiň gymmaty, onuň halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň arasynda sungat derejesine ýetendigi beýan edildi.

Çäräniň dowamynda uniwersitetiň mugallymlaryna we talyplaryna Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň agzalyk şahadatnamalarynyň gowşurylyş dabarasy hem geçirildi.

**(Dowamy 4-nji sahypada).**

## Täzelikler

(Başlangyjy 3-nji sahypada).

* * *

**5-nji martda** Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde bu ýurduň «Best publication» atly ýaşlary goldamak we ylmy-gözlegler merkezi tarapyndan «Öz hünärine wepaly» atly GDA derejesinde guralan halkara ylmy-amaly bäsleşigine ýokary okuw mekdebimiziň taryh hünäriniň 4-nji ýyl talyby Zyýada Ýusubowa internet arkaly gatnaşyp, I derejeli sertifikata, «Öz hünärine wepaly» atly döşe dakylýan nyşana we şahadatnama mynasyp boldy.



* * *

**9-10-njy aprelde** Germaniýanyň Halkara hyzmatdaşlygy boýunça jemgyýetiniň (GIZ) guramagynda, «Türkmenistanyň ýaşyl ösüşi üçin Ýewropa Bileleşigi: 2024 — 2029-njy ýyllar üçin syýasy dialog we howanyň üýtgemegi boýunça hereketler» atly taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda geçirilen ýaşlaryň arasynda ýaşyl ykdysadyýet boýunça «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri ulgamynda startaplar» atly bäsleşigine ekologiýa hünäriniň 5-nji ýyl talyby S.Saryýew «Türkmenistanda suwotulardan bioenergiýa almagyň mümkinçilikleri» atly tema bilen gatnaşyp, III orna mynasyp boldy.




* * *

Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň ýanynda hereket edýän «Institut français» fransuz dili boýunça okuw merkezi tarapyndan Halkara Frankofoniýa güni mynasybetli fransuz dili boýunça geçirilen «Frankofoniýa — 2026» atly bäsleşigiň netijeleri esasynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýeňijileri sylaglamak dabarasy geçirildi.



Bäsleşigiň jemleri boýunça fransuz dili we edebiýaty hünäriniň talyplary G.Maksadowa, A.Bakyýewa, A.Durdymuhammedowa we B.Öwezowa baýrakly orunlara mynasyp boldular. Talyplary bäsleşige roman-german dilleri kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi Ş.Jumaýewa taýýarlady.

* * *

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly mynasybetli «Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary» boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirildi.

Bäsleşigiň esasy maksady talyp ýaşlaryň öwrenen nazary we amaly bilimlerini döredijilikli kämilleşdirmeklige hem-de umumy dünýägaraýyşlaryny ösdürmeklige, häzirki döwürde ýüze çykýan ylmy we amaly meseleleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmeklige, zehinlerini has-da ýokarlandyrmaga, şeýle hem terbiýeçilik ähmiýetli işleri alyp barmaga gönükdirilendir.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilen bu bäsleşik Türkmenistanda bilim ulgamyny sanlylaşdyrmak bilen baglanyşykly innowasion teh-



nologiýalardan netijeli peýdalanmakda ýaşlarymyzyň ukyp-başarnyklaryny açyp görkezdi. Şeýle-de bäsleşik bedew bady bilen ösýän ýurdumyzda innowasion tehnologiýalary ulanmagy hem-de çylşyrymly meseleleri özbaşdak çözmegi başarýan zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam etdi.

* * *

**15-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ýolbaşçylarynyň hem-de talyplarynyň gatnaşmagynda Hytaý Halk Respublikasynyň Sinszýan mugallymçylyk uniwersitetiniň wekiliýeti bilen duşuşyk geçirildi.



Duşuşykda bilim ulgamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy we geljekki mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Taraplar bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we halkara tejribesini ornaşdyrmak boýunça birnäçe meselelere ünsi çekdiler.

* * *

Russiýa Federasiýasynyň Ufa şäheriniň «Aeterna» ylmy neşirýat merkezi» tarapyndan geçirilen «Häzirki zaman ylmy meseleleri we olaryň çözgüdi; seljerme, modelleşdirmek we amaly ulanylyşy» atly Halkara ylmy-barlag işleriň bäsleşiginde ýokary okuw mekdebimiziň hukuk öwreniş hünäriniň 2-nji ýyl talyby A.Amanjanow «Hukuk ylymlary» ugry boýunça «Garaşsyz Türkmenistanyň hukuk ulgamynyň ösüş ýollary» atly ylmy işi bilen (ylmy ýolbaşçysy — konstitusiýa hukugy kafedrasynyň mugallymy D.Şaýlyýewa) internet arkaly gatnaşyp, I derejeli Diploma mynasyp boldy.



* * *

**21-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň Medeniýet merkezi tarapyndan Saady Şirazyny hatyralamak gününe bagyşlanyp goşgy bäsleşigi geçirildi.




Saady Şirazyny hatyralamak gününe bagyşlanyp geçirilen goşgy bäsleşigine Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Aly Mojteba Ruzbehani, ilçiniň Medeniýet meseleleri boýunça geňeşçisi Abdolreza Abbasi gatnaşdylar.



Goşgy bäsleşigine Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyplary hem-de Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň Medeniýet merkeziniň pars dili öwrenijileri gatnaşyp, onuň şertine laýyklykda bäsleşik üç tapgyrda geçirilip, emin agzalary tarapyndan ýeňijiler yglan edildi.

* * *

**23-nji aprelde** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde bu ýokary okuw mekdebiniň Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasy bilen bilelikde guramagynda «Bütindünýä hytaý dili — 2026» atly aýdym-sazly dabaraly çäre geçirildi.



Dabaraly çärede Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Jie Şumin, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory hem-de mugallymlar çykyş edip, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim babatda has-da rowaçlanandygyny belläp geçdiler.



Çärede Gahryman alym Arkadagymyzyň «Atda wepa-da bar, sapa-da», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jilitli eseriniň we beýleki kitaplarynyň hytaý diline terjime edilmegi barada aýratyn bellenildi. Şeýle hem çykyş edenler häzirki zaman jemgyýetinde döwletara gatnaşyklaryny ösdürmekde hytaý we türkmen dillerini öwrenmegiň ähmiýetli taraplaryny belläp geçdiler. Hususan-da, bilim ulgamynda häzirki döwürde Hytaýyň bilim ojaklarynda Türkmenistanyň raýatlarynyň 10 müňden gowragynyň okaýandygy, Türkmenistanyň 9 sany ýokary okuw mekdebinde, 10 sany orta mekdebinde hytaý diliniň öwrenilýändigi nygtaldy.

**«Türkmen uniwersiteti».**



# AÇYK GAPYLAR GÜNI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti orta mekdepleriň uçurymlaryny, esgerleri, önümçilikde zähmet çekýän ýaşlary, ýokary okuw mekdebine okuwa girmäge isleg bildirýänleriň ählisini 2-nji we 9-njy maýda sagat 15:00-da «Açyk gapylar» gününe çagyrýar.

«Açyk gapylar» gününde uniwersitete gelen ýaşlar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda ylym-bilim ulgamyny ösdürmek baradaky özgertmeleriň durmuşa geçirilişi, ýokary bilim ulgamynda gazanylýan üstünlikler, uniwersitetde öwredilýän hünärler, döwrebap tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan täze okuw binalary, internet, lingafon otaglary, ylmy-barlag we okuw merkezleri, muzeýler, talyplar sport klubunyň işi, talyplaryň ýaşaýyş şertleri bilen tanşyp bilerler.

Şeýle hem olar uniwersitetiň durmuşy baradaky wideofilme, aýdym-saz, tans toparlarynyň çykyşlaryna, fakultetler tarapyndan taýýarlanan sergilere tomaşa ederler.

***Uniwersitetiň salgysy: Aşgabat şäheri,
Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolunyň 31-nji jaýy.
Habarlaşmak üçin telefon belgileri:
94-67-30, 94-67-05.
e-mail: tdu@tdu.edu.tm www.tdu.edu.***

# Waspa mynasypdyr merdana bedew

Bedew atlar — türkmen halkynyň milli buýsanjy, göz guwanjy, ata-baba ýoldaşy, wepaly dosty. Taryhyň gatlaryny agtarsaň, oňa has aýdyň göz ýetirýärsiň. Türkmen edebiýatyndan-da, halk döredijiliginden-de munuň, hakykatdan-da, şeýle bolandygynyň delillerini näçe diýseň tapyp bolýar.



Türkmen halk döredijiliginiň iň görnükli eserleriniň biri bolan «Görogly» eposy tutuşlygyna diýen ýaly bedew atyň waspydyr. Göroglynyň Gyratyna «Perzent dilemedim seni diledim», «Saňa at diýmerin, gardaş diýerin» ýaly setirler bilen ýüzlenmegi aýdylanlaryň aýdyň mysalydyr.

Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde bedew atlaryň ýigidi ýigit edýän, ony bezeýän mukaddeslikdigi barada çeper we pelsepewi pikirler öňe sürlüpdir. Şahyr merdana atlaryň, dal bedewleriň berk toýnaklarynyň, batly gadamlarynyň astynda goja-goja daglaryň, beýik-beýik depeleriň, düz ýollaryň çemenzarlykly sähralygyna kybapdygyny şygyrlarynda şeýle beýan edipdir:

*Uzak ýola gidip geler bolsaňyz,*
*Merdanlyk gyljyn çalar bolsaňyz,*
*Bir bedewi saýlap alar bolsaňyz,*
*Synasyn, sagrysyn, gerişin görüň.*

ýa-da:

*Ýaşy ýeten arap atyň şanynda*
*Mälim bolmaz, depe nedir, düz nedir.*
*Ýüňi ýeten goç ýigidiň ýanynda*
*Altmyş nedir, ýetmiş nedir, ýüz nedir...*

Türkmen edebiýatynda at diňe bir material zat däl, eýsem, «wepa» sözüniň diri alamaty diýmekdir. Halk arasynda ýaýran rowaýatlara görä, türkmen aty eýesini hiç wagt orta ýolda goýmaýan, eýesi dünýäsini täzelese, matam tutýan jandardyr:

*Hak ezelde halk eýlemiş,*
*Bir ajaýyp zatdyr bedew.*
*Jennet Byragy diýmişler,*
*Ýalançyda atdyr bedew.*

*Berse hanlar ýüz-müň tümen,*
*Sata bilmez seni münen.*
*Ak ýol kibi gyr-u-semen,*
*Çekilen bir hatdyr bedew.*

Gurbanaly Magrupynyň bu setirleri bedew atlarymyzyň geçmiş şöhratyndan habar berýär. Baý we şöhratly taryhy müňýyllyklara uzaýan merdana bedewlerimiz özüniň ýyndamlygy, gözelligi, janyňy alyjy ýakymlylygy bilen hem akyllary haýrana goýupdyr. Baý-begleriň hany-manyna, müň hazynasyna çalşyp bolmajak dostana bedewlerimize ýürekleriň töründe orun berlipdir.

Türkmen halkynyň bedewini nä derejede arzylaýandygyny, arzuw-hyýalynyň wysaly, myrady hasaplaýandygyny her bir ädimde görüp bolýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylmagy hem munuň şeýledigini äşgär edýär. Türkmen atdan myrat tapýar. Ony arzuwlarynyň, maksat-myratlarynyň, ösüşiniň, özgerişiniň, öňe gidişiniň nyşany hasaplaýar. Türkmeniň gyr bedew atlary bolsa hemişe kalplaryň taryna kakyp, ähli tamalary sözüň doly manysynda ödäp, ýüreklerde baky ýitmejek orun alyp gelýär.

**Bahargözel GAÝYPNAZAROWA,**
**daşary ýurt edebiýaty kafedrasynyň uly mugallymy,**
**ilkinji zenanlar guramasynyň başlygy.**

# Молодые учёные Туркменистана впервые присоединились к международному форуму

*В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства Туркменистан особое значение придаётся развитию науки и образования, расширению международного сотрудничества и укреплению интеллектуального потенциала страны. Последовательная реализация государственной политики, направленной на поддержку молодёжи и развитие научных исследований, способствует активному вовлечению молодых учёных в мировое академическое пространство.*

Знаковым событием в этом направлении стало проведение 10 апреля 2026 года на базе Туркменского государственного университета имени Махтумкули международной научной конференции студентов, аспирантов и молодых учёных до 35 лет «Ломоносов-2026». Форум традиционно проходит под эгидой Московского государственного университета имени М.В. Ломоносова и является одной из крупнейших международных площадок для обмена научными идеями, обсуждения актуальных исследований и укрепления академических связей между университетами различных стран.

Церемония открытия состоялась на химическом факультете Туркменского государственного университета имени Махтумкули. В мероприятии приняли участие молодые исследователи, преподаватели, студенты и представители вузовского сообщества Туркменистана. С приветственным словом к участникам в дистанционном формате обратился ректор Московского государственного университета имени М.В. Ломоносова Виктор Садовничий, подчеркнувший важность расширения научного диалога, развития сотрудничества и поддержки талантливой молодёжи. Открытие международного форума приурочено к «65-летию первого полета в космос» и выступили русские космонавты из орбиты. На открытии форума, также выступили выдающиеся учёные и политики Российской Федерации. Среди них заместитель академии наук России (РАН) Г.Я.Красников, заместитель министра науки и высшего образования РФ Д.С.Секиринский, министр просвещения С.С.Кравцов, генерал армии и генеральный секретарь СНГ С.Н.Лебедев, президент Российской академии образования, академик, доктор исторических наук, профессор О.Ю.Васильева, председатель комитета Государственной Думы по науке и высшему образованию С.В.Кабышев, кандидат физико-математических наук Н.В.Марченков, заместитель руководителя Россотрудничества П.А.Шевцов и другие.




По итогам работы секции заведующий лабораторией экологической физиологии Международного научно-клинического центра физиологии Министерства здравоохранения и медицинской промышленности Туркменистана Солтанмурадов Перхат Рахатмурадович отличился своим докладом. Также своими докладами отличились преподаватели химического факультета ТГУ имени Махтумкули М.Мередов, Г.Маммедова, Г.Шыхгулыева и младший научный сотрудник лаборатории технологий альтернативных источников энергии и измерительных приборов Международного научно-технологического парка Академии наук Туркменистана Пирмедов Аман Гуйджович. Все участники молодёжного форума «Ломоносов-2026» получили соответствующие сертификаты и дипломы.

Была организована выставка «Достижения в сфере образования и развития химических технологий», на которой представлены результаты научных разработок, инновационные проекты и достижения в области химической науки.

Проведение международного форума «Ломоносов-2026» в Туркменистане стало значимым событием, подтверждающим последовательное расширение международных научно-образовательных связей страны. Участие Туркменистана в данном престижном проекте впервые открывает новые перспективы для развития научных исследований, подготовки высококвалифицированных специалистов и укрепления авторитета отечественной науки на мировой арене.

**Ляле РЗАГУЛЫЕВА,**
**студентка 4-го курса факультета романо-германских и восточных языков.**

## Halkyň milli buýsanjy

# ASLY BAR BEDEWIŇ, ASLY BAR, ASLY!

*Ýaşyl ýaýlalarymyzyň asyl görki, zeminiň iň saýlama ylahy, behişdi jandary ganatly bedewler bu günki günde Watanymyzyň ýüzüniň tuwagy, halkymyzyň ýüreginiň buýsanjydyr. Ulgam-ulgam ýollarda, dag-düz, çöl-beýewanda eýesini paýu-pyýada goýman, her pursatda oňa ýoldaş bolan, göwün myradyna öwrülen bedewler türkmen durmuşynda, däp-dessurlarynda, halk döredijiliginde we ýazuwly edebiýatynda aýratyn orny eýeleýär.*

Taryhyň alyslyklaryna ser salanymyzda dünýäniň çar künjüne ýaýran, at salan türkmen halky, bedew atynyň üstünde ençe döwletleri gurdy. Nijeme ülkelere jahangirlik etdi. Nesilbaşymyz Oguz han döwründen bize miras galan «Oguznama» eposynda «Saňa at diýmerin, gardaş diýerin, ýöne sen dogandan hem zyýada» diýen jümleleriň üsti bilen inçe aýakly, serwi kamatly syrdaşynyň dogandan hem ezizdigini mälim edýär. Bu bolsa «Türkmen eýerde doglandyr» diýen aýtgynyň ýöne ýerden döremändigine şaýatlyk edýär. Altaý daglaryndaky gadymy Pazyryk depelerinde saklanyp galan çapuw atynyň mazaryny öwrenen birnäçe atşynaslar nesillerine belli bolan görnükli alym W.O.Witt gürrüň edilýän atyň örän gadymydygyny, Assiriýanyň, Müsüriň we Elladanyň beýik ussatlarynyň eserlerinde şekillendirilen Merkezi Aziýanyň söweşjeň atlarynyň neslindendigini belleýär. Taryh sahypalarynda ýagty geljege tarap okgunlylygy beýan edýän bedewlerimiz azatlygyň we garaşsyzlygyň nyşany, halklaryň arasyndaky gatnaşyklary jebisleşdiriji, gadymy külterli ýollary ýakynlaşdyrýan güýç hökmünde şöhratlanypdyr.

Pederlerden baky miras galan asly nurly bedewlerimiz halkymyzyň göwün buýsanjy bolandan bolsa gerek. Bedew döwlet Tugramyzyň merkezinde hem şekillendirilendir. Bu bir tarapdan milli hem köp asyrlyk mirasymyzyň, ady dünýä dolan gymmatlygymyzyň galkynmasy, bedew bady bilen öňe barýan Watanymyzyň aýdyň geljege, nurly ertirlere, beýik ösüşlere tarap ynamly gadamlarynyň howalasydyr.

Gahryman Arkadagymyz edebiýat meýdanynda hem bedewlerimiziň çeper keşbini, misli ynsan kimin üşügini inçeden beýan edýär. Gahryman Arkadagymyz «Döwlet guşy» romanynda bedew atyň wepalylygyny, eýesine baglylygyny, Watan goragyna ýola çykan Berdimuhamet aganyň Dagarmanynyň mysalynda açyp görkezýär. Dagarman darkaşly ýola rowana bolan eýesine gussaly bakyp galýar. Bu agyr ýyllarda Mälikguly aganyň Dagarman bilen gatnaşyklary hem pederlerimizden miras galan bedewe bolan söýgi hem-de ezizlik bilen utgaşýar.

Ýolda ýoldaşy, ýalňyzlykda syrdaşy bolan bedew ata bolan sarpa, ony idetmekdäki ata-baba tejribe Gahryman Arkadagymyzyň dowamat-dowam bolan peder ýörelgesidir. Kämil seýisçilik ýörelgesi bu günki günde türkmen ahalteke atlarynyň şöhratyny dünýä ýaýýan bedewlerimiz ýetişdirmekde, terbiýe bermekde, seýislemekde täzeçe röwşe eýe boldy. Milli Liderimiziň dürdäne seýisçilik eseri, dünýäde özüniň owadan görki we kämil üşügi bilen dünýäde aýratyn tapawutlanýan, hatda Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen Akhan halkymyzyň dünýä atçylyk sungatynyň ösüşine aýratyn goşantdyr.

Halkymyzyň durmuşy we hojalygy gadym eýýamlardan at bilen berk baglanyşykly bolupdyr. At idetmek, ýetişdirmek, bedew atly seýil etmek ata-babalarymyzyň iň arzyly durmuş pişesine, belli bir babatda zerurlyga öwrülipdir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda «At gyzyklymy, aw?» diýen bir hekaýat bar. Hekaýatda awçy bilen seýsiň jedeli hakynda gürrüň edilýär. Awçy öz käriniň, seýis bolsa at çapmagyň hezildigini aýdýar. Awçy hem-de seýis çapuwda ýaryşýarlar. Awçy ýeňjek bolup, aw guşunyň halyny hem unudýar. Ol çapyşykda, seýis bolsa jedelde ýeňýär. At üstündäki çapuwyň gyzygynyň awyň gyzygyndan ileridigini subut edýär. «Paýhas çeşmesi» kitabynda bolsa bedew atlar bilen baglanyşykly birnäçe nakyllar we atalar sözleri getirilýär. «Ýüwrük ata münen özüni beg saýar», «Bedew jul içinde belli, göwher — kül içinde» ýaly atalar sözleri




hem ýokarda belläp geçen hekaýatymyzyň üstüni ýetirýär. Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewlerini ylmy taýdan öwrenmek, şan-şöhratyny dünýä ýaýmak boýunça beýik işleri alyp baryp, ylham güzerinden, çuňňur pikir ýöretmeler we ylmy gözlegleriň netijesi hasaplanýan «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew» kitaplaryny halkymyza peşgeş berdi. Kitaplarda türkmen bedewleriniň şan-şöhraty, at-abraýy, dünýä höwes edýän arassa ganly atlardygy bellenilýär. Ajaýyp fotosuratlaryň üsti bilen atçylyk esbaplary, ady belli bedewler barada maglumat berilýär. Bu şadiwanlar bilen tanşan her bir ynsan gamyşgulakly, gyz bakyşly ahalteke bedewlerimiziň, türkmen atçylyk sungatynyň inçe syrlarynyň, seýisçilik ýörelgeleriniň täsin älemine aralaşyp bilýär.

Watançy şahyr Gurbandurdy Zelili:

*Ternawly ýapdan ýakanlar,*
*Gülli ýorunja dakanlar,*
*Höwes bilen at bakanlar,*
*Seýisler geçen ýoldur bu.*

diýmek bilen, türkmen halkynyň at saklamak, idetmek we ýetişdirmekde aýratyn tejribesiniň bolandygyndan, ussat seýisleriň bedew aty ýüzüniň tuwagy, abraý-mertebesi hasaplandygyndan habar berýär. Arassa ganly ahalteke türkmen bedewiniň tizlik we çeýelik babatda öňüne geçjek tohum at dünýäde ýok. Olar biziň gözümiziň guwanjy, ýüregimiziň buýsanjydyr. Şu ýerde Berdinazar Hudaýnazarowyň:

*Ilki süýnüp geçdi pellehanadan*
*Meşhur Meleguşuň, Ülkeriň nesli.*
*Ol ýaşuly buýsanç bilen dillendi:*
*Asly bar bedewiň, asly bar, asly!*

diýen setirleri seriňe dolýar. Sebäbi janköýerlik edýän bedewiň pellehanany ozup geçenini synlan wagtyňdaky ýaly begenji şeýle beýan etmezlik, onuň arkasyna, nesil dowamatyna guwanmazlyk mümkin däl.

Türkmen atynyň aýlaw baglan ülkelerinde seýisiniň ady hem dünýä gezipdir. Atyň abraýy onuň eýesi we seýisiniň hem mertebesidir. Ýaryşlarda ýeňijiligi hiç kime bermeýän dal bedewleri terbiýeläp ýetişdiren we ony seýislän seýisleriň ady hormat bilen tutulýar.

**Mähri GAÝYPOWA,**
**žurnalistika kafedrasynyň mugallymy.**

## Edebiýatyň gatyna siňen bedewler

*«At agynan ýerde toý bolar», «Gawun gabygyndan tanalar, bedew — söbüginden», «At ady bilen, ýigit ody bilen», «Bedew at menzil keser», «Är aty bilen magtanar, öküzi bilen işlär» ýaly birnäçe nakyllardyr atalar sözüni miras goýup giden ata-babalarymyz ir döwürlerden bäri bedew aty dosty saýyp gelýär.*

Tutuş süňňi bilen gahrymançylyga, gaýduwsyzlyga ýugrulan bedewlerimiziň şöhraty dünýä ýüzüne giňden ýaýrapdyr. Munuň şeýledigine geçen asyryň başlarynda teke atly polkunyň döredilmegi şaýatlyk



edýär. «Türkmen atly polkunyň esgerleri hemmelere batyrlygyň ajaýyp nusgasyny görkezipdir» diýip, taryhçy alym Ö.Gündogdyýew we J.Annaorazow «Teke atly polky» atly kitabynda belläp geçýärler. Edermenligiň, gaýduwsyzlygyň, batyrlygyň göreldesi bolan ahalteke bedewlerine atlanan türkmen ýigitleri Watanyň, halkyň, il-günüň abraýyna abraý goşupdyrlar.

Türkmen edebiýatynda ahalteke bedewleriniň waspy giňişleýin beýan edilýär. Olaryň hatarynda «Gorkut ata», «Görogly» eposlary, nusgawy şahyrlarymyzyň şygyrlary bar.

2015-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen «Görogly» eposynda bedew ata bolan garaýyş Göroglynyň Gyratyna bolan söýgüsinde has aýdyň ýüze çykýar. Toý güni syrdaşy, ýow güni gardaşy bolan Gyrat eposyň başyndan ahyryna çenli Görogly bilen deň hereket edýär. Eposyň «Göroglynyň döreýşi» şahasynda erenler Göroglynyň üç sany islegini bitirjek bolanda: «Meniň dilegimi berseňiz: atyma, özüme ýüz ýigrimi ýaş beriň, atyma, özüme ýüz ýigrimi ýara düşşe ýyldyz göremde gutulaýyn. Ine, meniň dilegim» diýipdir.

Ýelden ýyndam gamyşgulak ahalteke bedewlerimiziň waspy geçen asyryň ýazyjy-şahyrlarynyň eserlerinde çeper beýanyny tapypdyr. Türkmen edebiýatynyň görnükli wekili A.Gowşudow «Dordepel» powestinde bedew atlarymyzyň ýyndamlygyny, gaýduwsyzlygyny, wepadarlygyny Dordepel atynyň üsti bilen il-güni uly howp-apatdan aman-sag alyp galandygyny suratlandyrypdyr. Mämmet Seýidowyň «Kesearkaç» romanynda bolsa baş gahryman Ahalyň Dorbedew atyndan jyda düşjek bolanda, bedew atyň gözünden ýaş döküp, eýesinden aýryljakdygyny duýşy ýokary çeperçilik bilen beýan edilipdir. Eserde adam ýaly düşbi, akylly jandaryň eýesine wepalylygy, namysjaňlygy ýokary derejede görkezilipdir. Ahal aýgytly söweşlerde özündenem eziz görýän Dorbedewini münüp ýeňiş gazanýar. Ussat ýazyjy A.Durdyýewiň «Keýmir kör» eserinde ahalteke bedewlerimizi arşa göterýän Keýmir serdaryň Meleguşy toýlarda aýlawlary baglap, il-günüň dilinden düşmän, türkmeniň ruhy dünýäsine öwrülen, ynsan ömrüniň iň gymmatly hazynasy bolan atyna sarpany has belende göterýär.

**Berdinazar DÖWLETOW,**
**türkmen dili kafedrasynyň mugallymy.**

# Ojakdan uçan durnalar



## ARZUWLARYM ÇIŞIRILEN ŞAR ÝALY...

**Arzuwlarym çişirilen şar ýaly,
Hasyl bolup uçup gitdi birçaklar.
Işe barýan ýoluma nur saçýar, gör
birmahal aýagmy gyýan gyýçaklar.**

**Merdiwan mysaly okan kitaplam,
Meni alyp barýar biçak belende.
Jogabyny tapyp barýan sowalyň:
«Men näme üçin geldim dünýä gelemde?».**

**Häzire çen ýalňyşlygym, ýazygym
Ykbalymyň bir bölegi, aslynda.
Ýalňyşy düzedip, ýazygym ýuwup,
Galmaryn ökünjiň, günäň astynda.**

**Bagty uzak ýerden gözlämok indi,
Öýümde ekeni bagtam, baýlygam.
Ýokary bilimli mugallym bolup,
Öz obamda ýaşaýaryn aýlyga.**

**Günüm oňat, agyrdýan ýok kellämi,
Tebigata meňzäp barýan kem-kemden.
Bir müýnüm bar, girsem-çyksam utanýan
Saçy ak, agtyksyz garran ejemden.**

**Dokuzy düzüwlik kimde barmyşyn,
Diýýän-de, özüme göwünlik berýän.
Sag elimde täze şar deý arzuwlar,
Sol elimde torbam, men işe barýan...**

***Gurbanmyrat SARYÝEW.***

## *TALYBYŇ HAÝÝŞY*

*Jaň kakýan gelneje, ýüregmi üzdüň,
Kakyp goýber bäş-on minut irrägem.
Gyzyň gözi ýolda,
duşuşyp soň men
ýetişmeli sapaklara girmäge.*

*Gyz ýüregi suw bolandyr, bilýärin.
Garaşmakdan, belki, tamasy üzler.
Begendirip goýber talyby-da sen,
Aşyk ýigit bolýar ekeni dözmez.*

*Egleme, aşygy ugrat ýoluna,
Gowşursyn ol gyza alan gülüni.
Gymmatlydyr häzir ýeke minut-da,
Towlap goýber ýa sagadyň dilini.*

*Belki, şojagaz jaň bagtymy açar,
Ýa toýuma sebäp bolar jaň sesi.
Häzir welin saklama sen ýolumdan,
Bu söýgüde gelenok hiç ýeňlesim.*

*Jaň sesi ýüregmiň urgusy bolup
kakylsa, bir ýola bozulsa düzgün.
Häzir-ä hiç hili ses ýok, ümsümlik,
Jaň kakýan gelneje, ýüregm-ä üzdüň...*

***Goçmyrat ORAZBERDIÝEW.***

## *SAŇA DUŞUP*

*Saňa duşup, dünýä bilen alyşdym.
Saňa duşup, gorkýan boldum ölümden.
Gijeleri gündiz bilen çalyşdym,
Şondan başga zat gelmedi elimden.*

*Sag gulakdan girdi serime adyň,
Çep gulakdan çykyp gitdi huş, onsoň.
Ýitdi ýörär ýolum.
Gowam bolaýdy!
Çünki uçýan boldum saňa duşamsoň.*

*Bilmen, ozal niçik ýetdi takadym?
Gelen çagyň many tapdy demlerim.
Goşarymda pytrap gitdi sagadym,
Dessemi ýok indi dähedemleriň.*

*Geldiň — süňňüm onkiligne ýetirdiň,
Çep gursagym halas boldy ýzadan.
Saňa duşup, öňküligmi ýitirdim,
Şükür, indi bolup barýan düz adam.*

*Saňa duşup, boldum baky diri men,
Näçe menzil bolsa ýetiler indem!
Ýöne welin gorkýan, kimdir biriniň
Öňki meni tapyp getirerinden.*

***Mukam MUHAMOW.***

## *DUÝGULAM ŞEM BOLUP ÝANYP GUTARAR...*



*Duýgulam şem bolup ýanyp gutarar,
Nokady goýulman galar şygrymam.
Ýene başym sallap ýola düşerin,
Ýadan aýaklarmyň äden ugruna.*

*Tanap deý ýodalar äkider meni,
Mährem gujagynda gizlär dereler.
Hiç kim eşitmejek pyşyrdy bolup,
Derdimi asmana aýdyp bererin.*

*Şonda ýagyş ýagar, bulutlar üýşer,
Şemal oýnar bulam-bujar saçlarym.
Ak çägä ýaplanyp uklap galamda,
Hydyr ata bolup girersiň düýşe.*

*Alaçsyz men, duýgularma däl eýe,
Kän kösenýän gelip bilmän aýgyda.
Şygyr edip ýazyp ýörün täleýim,
Gala guryan öz daşyma gaýgydan.*

*Aral deý çekilip, gutarar duýgym,
Şygrym soňlap bilmän kösenerin men.
Ýene başym sallap ýola düşerin,
Derdimi paýlaşyp köçeler bilen.*

***Aşyr HANOW.***

## Aldajak bolanymda mugallymyň aýdany

*(Mugallym B.Weýisowa bagyşlanýar)*

Degirmende agarmady bu saçlar,
Un däl, Laçyn gyzym, bu saçlaň agy.
Ýyllaram, ýollaram çalardan däldir,
Ýok, çalardan däldir ýüregmiň dagam.

Gelnejeň igenjem, zeýrenjem muňa
Täsir eden däldir, eden däldir kär.
Çagalaň gürrüňi bolsa bes maňa,
Dert bir başyň alyp durmaz känbir, kän.

Neçün ak,
Ylymam bilmeýär açyp.
Takyk bolmaz bu aklaryň taryhy.
Diňle, diňe...
...Diňe agarandyr mugallymyň saçy,
Aldajak bolanda sen deý talyby.

***Laçyn PÜRJÄÝEWA.***

## Mugallyma ýazylan goşgy

**Bir minut mümkinmi, ýoldaş mugallym?
Sen başagaý talybyňy bagyşla!
Goşgyň humaryna gijeler ýatman,
Kalbym asman tolkunlarna gowuşsa.**

**Ukusyz çeşmimi süzgenekledip,
Sapaklary aýdan bolsam başgaça,
Geçirimli bol sen, ýaşlygňy ýatlap,
Belki, duýgym täze-täze ýş açar.**

**Entegem güýjüni ýitrenok ahyr
Ýedinji asyrda taslanan sogap.
Ýowuz dara, eger aýdyp bilmesem,
Ýa-da sowallara tapmasam jogap.**

**Ýaşyryn zadym ýok, barym paş bolar,
Goşgularym bilen ýazylar syrym.
Penjireden baksam-da men asmana,
Seniň leksiýaňam diňleýändirin.**

**Ylham perişdesi kalbymy kakyp,
Sapak wagty gelip ýüregin açsa,
Özümçe ýylgyryp, özümçe gülsem,
Öz duýguçyl talybyňy bagyşla!**

***Seýitmyrat GELDIÝEW.***



## *SEN NIREDEN ÇYKDYŇ?*

Sen nireden çykdyň? Barmydyň öňem?
Ýa asmandan ýere düşen melekmi?
...Birçak howry öçüp, ýşk ody sönen
Ýüregi gaýtadan ýakmak gerekmi?

Gerek däl, näz bilen ýekeläp ugrum,
Azap çekip ýörme derde dert goşup.
Gerek däl, onsuzam awunan bagrym
Seçme degen ýaly eleme-deşik.

Dünýe düzüw, kem ýok oň gurluşynda,
Bilmedik biz, söýgi näme, ýşk näme?
Ýaşa sen, bagtly bol öz durmuşyňda,
Menem dolanaýyn öňki dünýäme.

***Kakamyrat ATAÝEW.***

# Sport we edebiýat

## SPORT TÄZELIKLERI

✶ Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çäginde uzak aralyga atly ýöriş bäsleşigi geçirildi. Oňa 6 — 11 ýaş aralygyndaky çydamly atlaryň 15-isi we olaryň ezber çapyksuwarlary gatnaşdylar.



Bäsleşige ir bilen Aşgabat — Mary awtoýolunyň 24-nji kilometrliginden badalga berildi. Oňa gatnaşyjylaryň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna, Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyna, Milli atly sport merkezine, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna we hususy atşynaslara degişli atlar bar. 60 kilometrlik menziliň başlangyjynda bedewler weterinar barlagyndan geçirilip, olaryň uzak aralyga ýaryşa gatnaşyp bilijilik ukybyna baha berildi.

Şeýle hem bäsleşige gatnaşan bedewlere 30 kilometrlik menzilde dynç berlip, saglyk ýagdaýy, çydamlylyk derejesi barlanylansoň, olar indiki tapgyra gatnaşmaga goýberildi. Munuň özi uzak aralygy iň gysga wagtda däl, eýsem, bellenilen menzili kynçylyksyz geçmäge ukyply iň çydamly atlary kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Uzak aralyga atly ýöriş bäsleşiginde B.Ballyýewiň hojalygyna degişli bolan Meleguş diýen at birinji orna mynasyp boldy. Ýeňijä ýurdumyzyň pudak edaralarynyň baýraklary gowşuryldy.

✶ Aprel aýynda iki tälimçi işden boşadyldy. Gürrüň Angliýanyň «Çelsi» hem-de Türkiýäniň «Fenerbahçe» klublary barada. Şu ýylyň ýanwarynda «Çelside» işe başlan Liam Rosenýor bary-ýogy 106 günden soňra wezipesini terk etdi. Şertnamasy 2032-nji ýyla çenli niýetlenen hem bolsa klubuň ýolbaşçylary toparyň şowsuz çykyşlary sebäpli, tälimçi bilen hoşlaşmaga mejbur boldy. Habar berlişine görä, «Çelsi» Rosenýora 24 million funt sterling möçberinde öwez puluny tölär. Ýeri gelende bellesek, iňlis futbol kluby soňky 10 ýylyň dowamynda 10-dan gowrak tälimçini täzeledi.



Geçen aý tälimçisini işden boşadan futbol klublaryň biri «Fenerbahçedir». Türk futbol kluby nemes hünärmeni Domeniko Tedesko bilen şertnamasyny ýatyrdy. Tedesko 2025-nji ýylda «Fenerbahçeniň» baş tälimçisi bolupdy. Ondan öň bu wezipede portugaliýaly hünärmen Žoze Mourinýo işläpdi. «Fenerbahçe» Mourinýo 15 million ýewro öwez puluny töläpdi.

✶ Lionel Messi Ispaniýanyň üçünji derejeli diwizionynda çykyş edýän «Kornelýa» futbol klubuny satyn aldy. Mälim bolşy ýaly, klubuň paýnamalarynyň 100 göterimi hem Messä degişli bolar. «Messiniň gelmegi klubda täze döwrüň başlanandygyny aňladýar. Mundan beýläk «Kornelýa» ykdysady, şeýle-de sport tarapdan öňküden has tiz depginde ösdüriler» diýip, futbol kluby mälim edýär.

Şeýlelikde, Messi bilen Ronalduň bäsdeşligi futbol meýdançasyndan daşynda hem dowam eder. Sebäbi Ronaldu fewralda Ispaniýanyň ikinji derejeli diwizionynda



çykyş edýän «Almeriýa» futbol klubunyň paýnamalarynyň 25 göterimini satyn alypdy.

✶ Keniýaly ýeňil atletikaçy Sebastýan Sawe London marafonynda ýeňiş gazanyp, taryhda ilkinji gezek 42 km 195 metr bolan nusgawy aralygy iki sagada ýetirmän geçdi. Onuň netijesi 1 sagat 59 minut 30 sekunt bolup, bu öňki dünýä rekordyny 65 sekunt gowulandyrdy. Ikinji orny efiopiýaly Ýomif Kijelça eýeledi.

Zenanlaryň arasynda diňe zenanlaryň gatnaşmagynda geçirilen ýaryşlarda dünýä rekordyny efiopiýaly Tigist Assefa goýdy — onuň netijesi 2:15.41. Marafon boýunça zenanlaryň absolýut dünýä rekordy bolsa




henizem britaniýaly ylgawçy Pola Redkliffe degişlidir: ol 2003-nji ýylda garyşyk ýaryşda şeýle netije görkezdi we bu görkezijä şu wagta çenli ýetilmedi.

✶ 29-30-njy aprelde UEFA-nyň Çempionlar ligasynyň ýarym final oýunlary geçirildi. Parižde «PSŽ» bilen «Bawariýanyň» arasynda geçen oýun garaşylandan has çekeleşikli we dartgynly boldy. Jemi 9 gol geçen duşuşykda parižliler Mýunhen toparyndan 5-4 hasabynda üstün çykdylar. Oýnuň başynda «Bawariýanyň» angliýaly hüjümçisi Garri Keýn hasaby açsa-da, birinji ýarym 3-2 hasabynda Parižiň peýdasyna tamamlandy. Ikinji ýarymda bolsa toparlaryň her haýsy garşydaşynyň derwezesine iki gol saldy. «Atletiko» bilen «Arsenalyň» arasynda geçen ýarym final duşuşygynda bolsa toparlaryň hersi 1 gol salmagy başardy. Gollaryň ikisi hem 11 metrlik jerime urgusyndan salyndy. Ýarym finalyň jogap oýunlary 6-7-nji maýda geçiriler.



✶ Aleksandr Oweçkin şertnamasy boýunça Milli Hokkeý Ligasyndaky soňky möwsümini tamamlady. Hokkeýçi heniz geljegi barada anyk karara gelenok. Oweçkin MHL-de 21 möwsüm geçirdi. Şol ýyllaryň dowamynda ol liganyň iň köp aýlyk alýan oýunçysy boldy. Ady rowaýata öwrülen hokkeýçi ABŞ-da çykyş eden döwründe 170,7 million amerikan dollary möçberinde girdeji gazandy.



Oweçkin paýtagt kluby bilen 2008-nji ýylda 13 ýyllyk şertnama baglaşypdy. Bu MHL-niň taryhynda iň uly hemde uzakmöhletleýin şertnamadyr. Ýeri gelende aýtsak, Aleksandr Oweçkin 2025-nji ýylda Ueýn Gretskiniň MHL-däki rekordyny öz adyna geçiripdi.

**Taýýarlan Gülbibi MEKANOWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**3-nji ýyl talyby.**

## BILIM — GÜÝÇ

*Ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň eýesi, psiholog Daniel Kanemanyň ýazan «Thinking, Fast and Slow» atly kitaby 40 ýylyň dowamynda geçirilen ylmy barlaglardyr tejribelere daýanýan düýpli işleriň biridir. Bu kitap adamlaryň ykdysady we psihiki hereketlerini öwrenýän ugurlary öz içine alýar.*

*Kaneman adam beýnisiniň işini iki ulgama bölüp düşündirýär. Birinji ulgam adamyň daş-töweregindäki bolýan zatlara görä, örän çalt netijä gelýän ýagdaýydyr. Bu uzak pikirlenmesiz, çalt ýagdaýda bolup geçýär. Ol intuisiýa, adam ýüzlerini tanamak ukybyna, adam reaksiýalaryna jogap berýär.*




*Ikinji ulgam çylşyrymly pikir ýöretmeleri hem-de tankydy pikirlenmek ukybyny öz içine alýar. Ol haýal bolup geçýär. Köplenç, biziň beýnimiz wagtyny we güýjüni tygşytlamak üçin birinji ulgam bilen ylalaşýar.*

*Awtor kitapda gündelik durmuşda, biznesde, işde, okuwda... bolup geçýän ýagdaýlarda haçan intiusiýa we haýal pikirlenmek ukybyna daýanmaly, ýa-da haçan haýal ýöne dogry netijelere getirjek derejede pikirlenmelidigi barada giňişleýin gürrüň berýär. Maglumatlary ylmy tejribeleriň üsti bilen tassyklanan kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir.*

---

*Garward biznes mekdebi ýokary okuw jaýynyň professory Şoşana Zuboffyň 2019-njy ýylda çap edilen «The Age of Surveillance Capitalism» atly kitaby XXI asyryň iň gowy filosofik eserleriniň biridir.*




*Zuboff häzirki döwürde adamzadyň kapitalizmiň täze formasy bilen çaknyşandygy barada aýdýar. Onuň pikirçe, häzirki zamanda kapitalizmiň esasy çig maly tebigy baýlyklar däl-de, adam tejribesidir. Professor kuwwatly tehnologik kompaniýalaryň biz baradaky maglumatlary toplap, geljekde näme etjekdigimizi analiz edip ugrandyklaryny aýdýar. Toplanan maglumatlar bolsa isleg bildirýän kompaniýalara satylýar. Awtor ilkinji bolup häkimiýetiň täze «Instrumentarizm» görnüşini ulanyşa girizýär. Eger köne totalitarizm adamlary fiziki we ruhy taýdan gorkynyň üsti bilen özüne tabyn etmäge synanyşan bolsa, «gözegçilikli kapitalizm» biziň hereketimizi bazaryň isleglerine görä üýtgeder. Bu işi geçen asyryň kapitalizminiň tankytçysy Karl Marksyň «Kapital» atly kitaby bilen deňeşdireniňde, Zuboff hem öz döwrüniň amerikan kapitalistik gurluşynyň nusgasyny mysal alyp ony tankytlaýar.*

**Taýýarlan Toýly BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň 2-nji ýyl talyby.**

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Allanur ÇARYÝEW, Parahat BATYROW,
Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(türkmen dili we edebiýaty hem-de žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Toýly BABAÝEW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com